# Filosofyň iti

Category: Filosofiýa,Hekaýalar,Kitapcy,Nukdaýnazar,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Filosofyň iti FILOSOFYŇ ITI




Aň we dil pelsepesi boýunça ýazylan kitaplaryňam awtory **Raýmond Gaýta "Filosofyň iti"** kitabynda haýwanlar hakyndaky hekaýatlary gürrüň berende, bu hekaýatlar bilen baglanyşykly pelsepewi düşünjeleri-de berýär.
Durmuşdaky möhüm zatlaryň barsy many-mazmunyň çäginde emele gelýär, hut şol sebäpli-de edebiýat durmuşa düşünmekde iňňän ähmiýetli bolupdyr. Edebiýat bolmasa, durmuşyň meseleleriniň üstünde kelle döwýärkäk nämäni pikir etmegiň gerekdigi we bularyň aňladýan manylary barada bilýän zadymyz bolmazdy. Edebiýat we has giň manyda sungat many-mazmun çäginiň hüý-häsiýetleri bolan görme we aňlama şekilleridir. Haýwanlara we olar bilen gatnaşyklarymyza düşünşimiz köplenç hekaýatlaryň üsti bilen şekillenýär. Ylym pelsepe bilen utgaşýar, biri beýlekisini çuňlaşdyrýar.
Aň we dil pelsepesi boýunça kitaplary-da ýazan awtory bolan Raýmond Gaýta "Filosofyň iti" kitabynda haýwanlar baradaky hekaýatlary gürrüň berende bu hekaýalaryň gapdalyndan özboluşly pelsepewi garaýyşlary beýan edýär we belli bir derejede pelsepe bilen durmuşyň arasyndaky baglanşygy aýdyňlandyrýar.
Totyguş Jek, it Gypsy we köçe pişigi Toska ýaly haýwanlar

bilen birlikde, başga-da birnäçe haýwanlar baradaky oýlandyryjy we gülküli hekaýalary gürrüň berýän Raýmond Gaýta haýwanlaryň duýgy we düşünje dünýäsinde biri-birinden täsin syýahata çykýar, pelsepäni we hekaýalary beýan edende hekaýatlary irizdiriji pelsepewi takallara öwürmezden we gowy hekaýatyň hatyrasyna pelsepäni ýoýmazdan utgaşdyryp berýär.
Haýwanlary söýgi, wepalylyk, gaýgy-gussa, batyrgaýlyk ýa-da dostluk ýaly düşünjelerde, aň duýgulary bilen birlikde şekillendirmek dogrumy? Itler ölümi duýýarmy? Käbir haýwanlary eý görüp, nämüçin käbirlerine pisindem edemzok. Şu we şuňa meňzeş soraglar bilen Jon Makswell Kutzeeden Hanna Arendte, Lýudwig Witgenşteýnden Rene Dekarta çenli birnäçe ýazyjy we filosof bilen gaýybana jedelleşýän Gaýra birnäçe hekaýasynda dostluga we tesellä mätäçlik duýýandygy üçin adamlaryň itler bilen gurýan dostlukly gatnaşyklaryndan söz açýar.
Raýmond Gaýta **mätäçlik** sözüni aýratyn nygtaýar. Mätäçlik hakykatyny kabul etmegimiziň köp zada has dogry göz bilen seretmegimize ýardam etjegini aýdýar we «Özüni başgalara mätäç däldir öýdýän kişi – hiç kimsäniň hasratyny we alada-gaýgysyny paýlaşyp bilmeýän kişidir. Haýwanlara mätäçlik duýmaýan kişi bu mätäçligi duýýan adamlary ýaňsylaýan ýa äsgermeýän bolsa, onda ol, adamlar bilen haýwanlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň döretjek real mümkinçiliklere düşünip bilmez» diýýär.
Gaýta mätäçliklerimize haýran galdyryjy duýguçyllyk bilen jogap berip bilýän haýwanlaryň özüni alyp baryşlarynyň köp dürli jandarlaryň biri-birlerini juda çylşyrymly görnüşde täsirlemelerinden döreýändigini aýdýar.
Onuň pikiriçe haýwanlaryň bagtyýar durmuşda agaýana ýaşamalary bilen içgin gyzyklananymyzda olara bolan hakyky hormatymyz döräp biler. Şuny unudýandygymyz üçinem haýwanlara garşy diňe rehim-şepagatsyz çemeleşmek bilen çäklenmeýäris, olaryň mätäçlik duýýan zatlaryny-da unudýarys.
Raýmond Gaýta kimdir birine ýamanlyk etmegi, sebäpsiz haýwanlary, mör-möjekleri, hatda ösümlikleri ýok etmegi, olara garşy rehim-şepagatsyz bolmagy maksat edinýän garaýşyň dürli ahwallaryny suratlandyrmaga synanyşýar. Beýleki bir tarapdan bir adama ýa-da bir haýwana garşy rehim-şepagatsyz çemeleşmegiň we käbir hereketleri gereksiz, käbirlerini-de gerekli kylýan gadyr-gymmatlylygyň näme many aňladýandygyny görkezýär.
Aň we düşüniş ukyby babatda täsin maglumatlary berýän awtor

kitabyny şu pikirler bilen jemleýär:
*“Tebigatda bilýän başga hiç zadymyzyñ bolmandygy üçin gymmatlydyrys we bu ýagdaýy «biziñ adamkärçilikli nukdaýnazarymyzdan» diýen ýaly boş sözler bilen nygtamagyñ hiç hili manysynyñ bolmazlygy, meniñ çynlakaýlyga berjek ahlaky jogabymdyr. Beýleki bir tarapdan tebigata, hatda jansyz tebigata gönükdirilen bitarap söýgi ýaly zat – ajaýyplyk bardyr we bu söýgi hak-hukuklar babatda söz açanda adamlaryñ añyndaky çäklendirmä meñzeş görnüşde eradamyzy çäklendirip biler. Agaçlaryñ, hatda möýleriñ hak-hukugyndan söz açmagymyñ akmaklyk boljagyny bilýärin, emma munuñ sebäbi, belli bir derejede bu ýagdaýda adamlaryñ hak-hukukkaryndan söz açmagyñ ýalñyş boljagyny düşünmegimdir.”*

Haýwanlaryñ kellesindäkiler biziñ üçin hemişe manysyny tirip bolmajak syr bolup galjagam bolsa, Raýmond Gaýta haýwanlaryñ syrynyñ biziñ durmuşymyza saýrydygy baradaky düşünje bilen ylalaşmaýar, hem-ä biziñ olar bilen meñzeşliklerimizi, hemem bizi olardan tapawutlandyrýan zatlary orta goýýar.
Okyjysyny syzyş, kabul ediş we pikirleniş ukyby ýaly meseleler bilen adam añynyñ üstünde oýlanmaga mejbur edýär.

Orhan TÜLEÝLIOGLY,
otuleylioglu@hotmail.com

11.06.2014 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Filosofiýa